# Ejesi öweý oglanjygyň oýlary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ejesi öweý oglanjygyň oýlary EJESI ÖWEÝ OGLANJYGYŇ OÝLARY

«Täze ejem» öýden
Haçan giderkä?!
«Köne ejem» öýe
Haçan gelerkä?!

Kakamyň ýok wagty
«Ýetimçe» diýýär.
Muny «täze ejem»,
Nämüçin diýýär?!

Muny «köne ejem»
Gelen mahaly,
Aýtsam, «täze ejeme»
Geler gahary.

«Köne ejem» gelenok,
Eýýäm ýaz düşdi.
«Köne ejem» gelenok,
Bugdaýlar bişdi.

«Köne ejem» gelenok,
Döwek döwülýä…
…Ýa öýmüzden
Ýagşymyka öwlüýä?!

Gurbanýaz DAŞGYNOW. Goşgular